# Tereddut -4 / dowamy

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tereddut -4 / dowamy *TEREDDUT*

**Allah ähli zady ýaratdy diýýärler, (Haşa – Allah saklasyn), Ony kim ýaratdy?**

Bu soragam köp soralýan soraglaryň biridir.
Men bu soragy Resuly Ekremiň (s.a.w.) pygamberliginiň bir alamaty hökmünde görýärin we gaýypdan beren habarynyň berjaý bolmasynyň öňünde başymy egip «Eşhedü enne Muhammed er-Resulullah» diýip, şahadat getirýärin. Hawa, Resuly Ekrem (s.a.w.) Allahyň şerefli ilçisidir. Kyýamata çenli bolup geçjek ähli zady bir telewizor ekranynda gören ýaly gören we aýdan ähli zatlary dos-dogrudyr. Has soň orta çykjak hadysalar hakynda beren hökümleri, aýdan zatlary şeýle bir ygtybarlydyr, wagty gelende hemmesi bolşy-bolşy ýaly dogry çykypdyr. Ine bu-da olardan biridir. Buýrýar: (sahabalaryň beýle zatlar aklyna gelmez) «Şeýle bir gün geler, aýagyny aýagynyň üstüne atar, ulumsylyk, tekepbirlik özüne göwniýetijilik bilen ähli meselelleri çözen ýaly bolup: «Muny Allah ýaratdy, şuny Allah ýaratdy, Allahy kim ýaratdy?» diýerler».
Bu sorag berlende öz ýanymdan pikir edip, «Eşhedü enne Muhammed er-Resulullah» diýdim. Nähili görüpsiň we nähili dogry aýdypsyň!.. Şu nebsleri we men-menlikleri faraonlaşan, sebäpleri hudaýlaşdyran we her zady sebäpleriň içinde düşündirmäge çytraşan ynsanlaryň gözýetimleriniň darlygyny, düşünjeleriniň aşa garyplygyny mundan gowy suratlandyrmak mümkin däl.
Asyl meselämize gelsek, bu-da inkärçileriň orta atan soraglaryndan biridir. Köplenç ýaş beýniler şuňa meňzeş soraglaryň aşagynda galyp ezilýär. Hawa, olar soňsuzlyga düşünmezler, sebäpleriň zynjyr ýaly uzap gitmesini we beýle aldawyň bir manysynyň bardygyny-ýokdugyny asla derňemezler.
Mundan ötri şübhä giderler-de, öz ýanlaryndan Allaham islendik

bir sebäp ýaly bir sebäpdir öýderler we Allahy orta çykaran bir sebäp bardyr, Allaham şonuň netijesidir diýip düşünerler. Bu ýalňyş pikiriň netijesidir. Munuň kökünde Allahdan bihabarlyk ýatýar. Allah ähli sebäpleri ýaradyjydyr we barlygynyň başlangyjy ýokdur.
Bu güne çenli kelamçylar sebäpleriň zynjyr ýaly uzap gidip bilmejekdigini dürli usullar bilen orta goýup «Musebibul esbap» (sebäpleri ýaradan) bolan Allahyň barlygyny subut etmäge çalyşyp gelipdirler. Olaryň bu hususdaky düşünjeleriniň özenini bir-iki mysal bilen aňlatmak peýdaly bolsa gerek. Kelamçylar: «Sebäpleriň zynjyr ýaly dowam edip gitjegini oýuňa getirmek, ol sebäpleriň aslyny bilmezligiň we Yaradandan gaflatda bolunmagynyň netijesidir» diýýärler. Hawa, barlygyň soňsuzdan bäri dowam edip gelen bir kysm sebäpler zynjyryndan ybartdygyny ähtimal etmek ýalňyşdyr. Beýle bir zada bolup biläýjek zatdyr öýdüp ähtimal etmek sadalygyň sebäpli aldanmakdyr. Meselem, ýer ýüzüniň al-ýaşyl bolmagy howa, suw we Güneşe bagly, suw, howa, Güneş hem bir kysm maddalara – kisloroda, kömürturşy gazyna, karbona, azoda … we şuňa meňzeşlere, bu maddalar hem has kiçilere, has kiçileri hem ondanam kiçilere bagly… Munuň şeýdip uzap gitmesine ähtimal bermek we zadyň bu ýol bilen düşündirilip bilinjegine ynanmak aldanmak we gep oýnatmakdyr. Onda-da, bir ýerde munuň garşysyna anti-madda, anti-atom bilen çykylýar we metafizika fizikany ýeňäýse… we şonda-da ilki we soň ähli sebäpler haýran edip sazlaşyk içinde bir kanun bir gullukçy ýaly hereket edýän bolsalar…
Hawa, «Şu şundan, şu-da şundan…» diýmek haýsy-da bolsa bir meseläni çözmesi beýle-de dursun, tersine ähli zady içinden çykylmaz hala getirýär. Çünki beýle bir zady mümkin hasaplamak, edil «Ýumurtga towukdan, towugam ýumurtgadan» düşünjesiniň tükeniksiz dowam edip gitjegine ynanmak ýaly bir samahyllma meňzär. Bulardan towugy ýa-da ýumurtgany Gudraty Soňsuz, Ezeli bir barlyk ýaradypdyr diýýänçäk öňe sürlen pikirleriň ählisi esassyz galar. Tersine, bular barlygy özünden bolan Beýik Ýaradana degişli edildigi şobada aýdyňlyga ýeter. Ondan soň ýeke öýjük şekilinde ýumurtganyň ilki

ýaradylan bolmagynyň ýa-da öz neslini özi dowam etdirsin diýlip towugyň ilki ýaradylyp we onuň ýumurtgalamagynyň tapawudy ýokdur.
Muny beýle kabul etmän «o ondan, o-da ondan»… diýmegiň hiç hili aýdyňlyga ýetirmejekdigi ýaly jogap berlen bir sorag bilen birlikde başga-da bir giden sorag ýüze çykar. Meselem, ýagmyr buluda bagly, bulut minus-plus damjalara, olar bugarma hadysasyna, o da suwlaryň barlygyna, iň soňunda o-da suwlary emele getiren elementlere… Şeýdip sebäpler zynjyry, belki, birnäçe ädim ilerläp dowam eder-de durar. Emma duran ýerinde-de ýene «şeýle-de bolup biler, beýle-de» diýip ynsan özünüň çaklamalaryň gujagyna düşendigini duýup galar we olar bilen kanagatlanmaga çalşar. Bu bolsa haýran ediji bir nyzam, bir sazlaşyk we bir-biri bilen baglanşyk içinde, bir hikmet eli bilen orta çykany syzylýan ähli barlygy çaga gepi bilen düşündirjek bolmakdan başga, şeýle hem ylymlaryň gözýetimini we maksadyny garaňkylatmakdan başga zat däldir. Ýogsa her gelnen netije üçin şübhesiz bir sebäp gerekdir. Gaýry makul we gaýry mantyk sebäpleriň uzap gitmegi, uzap gitmegiň keramaty bolup, makul hala geljekdigine düşünmek, mümkin däl zady mükin ýaly görmek bir akmaklykdyr.
Indi bolsa bir mysal bilen bu ýagdaýy aýdyňlaşdyrmaga çalşalyň. Men yzky aýaklary bolmadyk oturgyçda otyryn. Oturgyjymyň ýykylmazlygy üçin ony özi ýaly başga bir oturgyja diräpdirler, ony hem ýene bir oturgyja… Şeýdip dowam edip gidip otyr. Bu hal zaman we mekan ölçeglerine sygman dowam edip gidip otursa-da ahyry, yzky aýaklary abat, ýere berk direnen oturgyja daýanmansoň, ony zynjyr ýaly uzadyp gidip oturmak, oturgyja yzky aýak bolup bilmez.
Başga bir mysal. Öňümizde bir nol san bar diýeliň. Bu nolluk çep gapdalynda başga bir san bilen omuz-omuza durmansoň, özi ýaly nollaryň köpelmesi oňa asla hiç zat gazandyrmaz. Trillion gezek trillion nollary yz-yzyna tirkeseňem ýene gymmaty artmaz, nol nollugyna galar. Haçanda onuň çepine bir san ýazylsa, nolam çepindäki sana görä bir gymmatlyga eýe bolar. Bu bize şuny görkezýär. Bir zadyň özbaşdak barlygy bolman we özi özüne jogap berip bilmeýän bolsa, özi ýaly mätäçleriň oňa

barlyk gazandyrmaklary, oňa esas bolmaklary mümkin däldir. Hemmesi şol bir zada mätäç we şol bir ýagdaýda ejiz bolanlaryň bir ýere jemlenmegi, mätäçligi köpeltmekden we ejizi ardyrmakdan başga zada ýaramaz. Şonuň üçin, sebäpleriň goşulmagy kabul edilse-de, fizikanyň sarsmaz kanunlaryndan sebäbiň netijä görä uýgun gelmegi ýörelgesine laýyklykda, sebäp bilen netijäniň arasynda makul bir baglanşygyň bolmagy şertdir. Muňa görä, meselem, ýer şarynyň ýaşamak üçin oňaýly hala gelmesinden, ynsanyň düşünjeli bir barlyk bolmasyna çenli her zada bir sebäp tapmak, onda-da makul we ol netijäni hasyl etjek bir sebäp tapmak gerekdir.

Ýogsa, ýer togalagynyň häzirki ýagdaýyndan, ýagny tizligi, Güneşden uzaklygy, atmosfera gatlagy, aýlanyp-dolanyp duran döwürliligi, hikmetli meýli, atmosferany düzýän gazlaryň öz içindäki zerur bolan hereketleri… ýaly hususlardan tutuň-da, onuň toprak we ösümlüklere, deňizlere we olardaky syrly kanunlara, ýeller we olaryň üstlerine ýüklenen wezipelere çenli müňlerçe, ýüz müňlerçe hadysaň şeýle bir sazlaşyk içinde akyşyna, bularyň ählisine ker-kör sebäpler we sergezdan tötänliklerdir diýmek akylyň öz-özüni ýalana çykarmasy we çüýrütmesi diýmekdir.

Hawa, bu hususda kelamçylaryň «döwür we ýolunmaýan zynjyr» ýoly bilen ähli sebäpleri kesip biçeniňden soňra işi müsebbibül-esbab bolan Allaha ýetirip, soňra bolsa her zada «mümkinul-wüjüd» diýmeklerine garşylyk, ähli sebäpleriň, ähli wesileleriň baryp Oňa daýanan zada «Wajyb-ül-wüjüd» diýip töwhyda yş açan hem bolsalar, olaryň ele alan netijesini has salamatly ýol bilen hem elde etmek mümkindir. Hawa, Beýik Ýaradanyň her eserinde özüne degişli möhrüň, zikgäniň bolmasy Onuň barlygyna bir däl müňlerçe delilidir. Ylymlaryň älemiň syrlaryna yşyk tutmaga başlan bu günlerimizde, her ylym özüne mahsus dili bilen Onuň barlygyny yglan edýär we muny jar edýär.

Bu meselede birnäçeleriň ýazan örän gymmatly eserlerini ýeterlik hasap edip berlen soraga dolanýaryn.

Hawa hemme zat soň ýaradylandyr. Ýaradan hem Allahdyr. Allah Allahdygy üçin ýardylan däldir. Ýaradylan islendik zat

mahlukdyr we mätäçdir. Ol bolsa barlygy, ýaradylşy özünden we hiç kime mätäç bolmaýan – Ganiýýi alel-ytlak Allahdyr. Her zat baryp Oňa daýanýar, ähli garaňkylyklar, düşündirilmejek ýaly görnen zatlar Onuň bilen aýdyňlaşar. Bar eden Ol, barlygy ýöreden Ol, çeken Ol, iten Ol we bir maksada ýetiren hem Oldur. Oňa-da sebäp ediler ýaly Ondan öte hiç zat ýokdur.

Muny ýene iki sany ýönekeý mysal bilen beýan etmäge çalşaýyn. Meselem, bedenimi aýaklarym göterýär, aýaklarymy-da zemin. Şeýle göwnejaý göterijini tapanyňdan soň täze sebäpleri gözlemegiň zerurlygy ýok. Ýa-da meselem, otlynyň iň yzky wagonyny onuň öňündäki herekete getirýär, ony hem onuň öň ýanyndaky, onam ondan öňdäki, iň soňunda lokomotiwe gelende, onuň özüne güýji ýetýär, kuwwaty, ýasalşy we işleýişi bilen «özi özüni hereket etdirýär» diýeris. Getirilen bu mysallarda, aldawa düşen akyllaryň Allahyň ýaradan zadyndan täze we täze sebäpler bilen lokomotiwi çalyşmaklary mümkindir diýilmekçi bolunýar. Şonda-da yzyny üzmän lokoimotiwi çalyşmakdanam netije bolmansoň paltalary daşa degip «ine, sebäplerem gutardy» diýip özlerini aşak goýberişlerini göreris.

Bu ýerde akyllary bulaşdyrýan başga-da bir mesele, düşünjesi çäkli ynsan oglunyň ezel düşünjesine doly düşünmän, maddany ezeli kabul etmegi, soň bolsa sanlar bilen düşündirilip bolmajak geçmiş içinde, bolup bilmejek zatlara bolup biler diýmesidir.

Muny berk bileliň, ezel öten zamanyň soňy däl, ol bir zamansyzlykdyr. Zamanlar kentrilion gezek kentrilion ýyllary bilen ezeliň ýanynda bir pursatça-da bolmazlar. Şonuň üçinem sebäpleriň bir-birine ilişip zynjyr ýaly düzülmeginde esas bolan maddanyň bir başlangyjynyň bolmalydygy bu gün her kes tarapyndan kabul edilen meseledir. Elektronlaryň hereketinde, ýadro fizikasyndaky syrda, dynuwsyz radiasiýa goýberýän Güneşdäki syrly işleýişde we termodinamika kanunlarynyň älem giňişliginde ýöredilşinde, her zadyň soňunyň boljakdygyna degişli ýyldyzlar sistemasynda, Güneşiň parlaklygynda müň bir habar bar. Soňy bolan her bir zadyň başlangyjynyň hem bolmalydygy bolsa üstünde jedel edilmejek derejede aýandyr we bellidir.

Bu sebäpli, her zat başlangyçda barlyga ukyply boluşy ýaly, sönüp gitmesi bilenem Onuň owaly-ahyrynyň bolmandygyny görkezýär. Çünki başlangyjy bolanyň bir gün soňunyň geljeginiň belli boluşy ýaly, başlangyjy bolmadygyň soňunyň bolmajakdygy hem bellidir. Şonuň üçinem biz madda, maddadan ýasalan her zada bu gün baram bolsa erte ýok bolup biler diýen nazar bilen bakýarys. Emma, älemleriň az-azdan eräp gitmegi, maddanyň ýuwaş-ýuwaş tükenmesi köpleri ýalňyşdyryp biljek şekildedir we haýaldyr. Ýuwaşam bolsa, uzak geçmişden bu ýana kämilleşip giňeýän dünýäler, bir gün büzülip şübhesiz ýitip gitjekdir. Hawa, madda bu gün bar hem bolsa birnäçe oňaýly täsirleriň yşygy astynda şekilini üýtgedişi hemmelere şübhesizdir. Indi muny size ýene bir otlynyň mysalynda düşündirmäge çalşaýyn.
Üns beriň, Izmirden ugran otly 50-55 kilometr daşlykdaky Turgutly menziline tarap hereket etdi. Otly sagatda 55 kilometr tizlik bilen barýar. Muňa görä otlymyz bu aralygy laýyk bir sagatda alar. Bu tizlik bilen ýarym sagat ýörän otly ýoluň galan ýarsynda tizligini ýarpy aşakladar. Muňa görä ýoluň heniz geçilmedik 27,5 kilometr aralygyň ýarsyny tizligini ýarpy aşakladan otly ýarym sagatda geçip biljek. Emma ýene ýarym sagatdan otly tizligini öňküsindenem ýarpy aşak düşürdi. Ýene ýarym sagatdan tizligini ozalkysynyňam ýarpysyna düşürdi. Şeýdip her ýarym sagatdan tizligini ýarpy aşakladyp barýan otly misli hiç haçan Turgutla ýetmejek ýaly görünýär. Aslynda aralyk gutarjak we barylmagy gerek bolan ýere şübhesiz baryljak. Emma, beýle haýal hereket edilenden soň, ynsan hiç wagt ol ýere ýetilmejek ýaly göz öňüne getirýär.
Şunuň ýaly, madda-da bir çözüme we dargama dogry barýar. Bu birnäçe million sene soň hem bolsa, şübhesiz bolup geçjekdir we barlygy özünden bolandan başga ähli zat ýitip, ýok bolup gider we diňe Ol baky galar.
Netije, Allah, elbetde, bar we ähli zadyň ýaradyjysydyr. Oňa ýaradylandyr diýip ysnat getirmek, ýaradyjyny ýaradylanlardan tapawutlandyryp bilmezlik ýaly düşünje nadanlygydyr. Bular ýaly endamyňy tikenekledýän hyýala getirmäni orta atýan biçäre müňkürler, akylly görünjek bolup, akyl bilen nähili gapma-

garşy ýagdaýa düşenlerinden habarsyzdyrlar. Hawa, bu gün indi kimdir biriniň ýerinden turup maddanyň ezelidigini aýtmagy we Zat-y Uluhyýeti inkär etmegi bolup bildigiçe geň, geň göründigiçe-de köre-körlük hasap edilýär.

Şonda-da barlyk we hadysalara geregiçe aralaşyp bilmeýän bir topar materialistler maddanyň soňky bogunlaryna çenli sökülip dargamagyny, atomyň garşysyna çykan tükenişini, many we netijeleri bilen syzyp düşünjek günlerine çenli düşünjelerinde hakykatsyz, beýanlarynda ýalançy bolmaklaryna garamazdan käbir nadan adamlary aldamalaryny dowam etdirjekdirler.

Işiň dogrusyny ylmy, ähli zatlary gurşap alan Zat-y Uluhiýet biler.

## Allah şu älemi ýaratmagy ne sebäpden zerur gördi we näme üçin has öň ýaratmady-da, soň ýaratdy?

Bu soragyň iki tarapy bar: birinjisi älemiň näme üçin ýaradylandygy, ikinjisi bolsa, näme üçin has öň ýaradylmandygy.

Birinjisi barada aýtsak, biz ynsanlar ähli zady öz ölçeglerimiz esasynda ele alýarys we oňa görä pikir ýöredýäris. Meselem, biz bir iş edenimizde zerurlygyny duýýarys we şoňa esaslanybam edýäris we köp gezek gürrüňsiz zerurlykdygyna gözümizi ýetirip onsoň herekete başlarys. Ine şeýle yöntem düşünje bilenem Jenaby Haka-da özümiz ýalydyr öýdüp şeýle hereket eder diýip çaklaýarys. Emma, şeýle soragy berenimizde Allahyň ähli kemçiliklerden, nogsanlyklardan daşdadygyna düşünmelidiris.

Allah älemi näme üçin ýaratdy soragyna jedel bilen jogap berip bolar. Näme, älemiň ýaradylmagy bilen rahatsyz bolan barmy? Tohum atmagy, nesil köpeltmegi, hasyl almagy islemejek we ähli mümkinçiliklerden iň ýokary derejede peýdalanyp bagtly bolmagyň ýollaryny gözlemejek bir ynsan görkezip bilermisiňiz? Elbet, käbir ejir beriji hadysalaryň garşysynda howsala düşüp çykaran netijeleri bilen, bu dünýä gelenine puşman edýänler, hatda öz janlaryna kast edýänlerem bardyr. Emma bular barmak basyp sanardanam azdyr. Ýogsa her kim «bardygyna», ýaşaýyşa

mynasyp görlenine, ynsan bolup dogulandygyna puşman etmek beýle-de dursun, şükür bilen dolup daşýandyr. Bagyşlaň welin, çaga bolup gujaklara dolmakdan, ýaşlykda ýülüklerine çenli barlygyň lezzetini duýmakdan, ýetişip maşgala, aýal, oglan-uşak bilen hem-hal bolmakdan şikaýat etmek mümkinmidir? Onda-da ötelere ynanýan ynsanlar üçin… Şeýle hem bu ynsan bütin sagadatyň güwäsi bolan ebedi bagtyýarlygyň tohumlaryny şinelendirip bilýän bolsa, şikaýat etmek beýle-de dursun, şübhesiz sagadat gapylarynyň syrly gulplaryny açany üçin örän, örän şat bolar.
Hawa, biz bularyň hemmesini wyždanlarymyzda duýýarys we älemi ýaradan, bizi bu ýere getiren Perwerdigäre kalbymyz doly şükürlerimizi aýdýarys.
Indi bolsa bu meselä real taýdan çemeleşeliň. Bu älemiň uly-kiçi, janly-jansyz, reňbe-reňk sungat eseri bilen bezelen, aňyrsy-bärsi görünmeýän sungat eserleriniň dabarasy we bir sergi görnüşinde herkesi tomaşa we seýl etmäge özüne çekijilik bilen taýýarlanandygy görünýär.
Bu owadan görnüşler, bu haýran ediji bezeg we zynatlar sil ýaly akyp giden hadysalaryň içinde bir iş we amaly, ol iş we amala häkim gudratly mähirli eli görkezýär. Biz bu amallar arkaly tolkun atan isimlere şaýat bolýarys we magşugyna gowuşmak yşgyndaky aşyklar ýaly, bu çakyp-çakyp göz gyrpmalaryň, parlap-parlap yşarat etmeleriň yzyna düşýäris we özümizi biziň üçin görülmedik sypatlaryň öňünde duýýarys. Nähili ýagdaýda? Haýrana galyp, ýadaw we juda arzyly… Kalba açylan yşlar bilen Gudraty güýçlüniň hal-hereketlerini yzarlaýarys we serden geçýäris. Hemişe galkynyş içinde akan bu ýolagçylyk barlyk we hadysalardan başlap ynsan-älem baglanşygyna, ondanam ynsanyň Allahyň isimleri, sypatlary halkasy bilen baglanşygyna çenli örän giň bir meýdanda seýran etmekdir.
Indi, bolsa biraz Ýaradyjynyň maksady babatda kelam agyz aýdalyň. Bu aň-düşünjäni, ösüp kemala gelşini ýönekeý adamlaryň dilinde beýan edeliň.
Meselem, ençeme işe örän ussat bir senetkäri göz öňüne getireliň. Bu senetkäriň ussat taraplarynyň biri-de owadan

ýazgy ýazmakdyr. Bu ussatlygy bilen ol harplary eriş-argaç edip şeýle bir owadan ýazýar welin, haýran galaýmaly. Ýene göz öňüne getireliň bu senetkär şol bir wagtyň özünde juda ökde heýkeltaraşdyr. Birnäçe gezek çekiji bilen urýar-da iň berk mermer daşyna misli jan berýär – dodagyna ýylgyryş, ýaňaklaryna näzli görkezýän çukanajyk goýup ol ussatlygyny has-da açyp görkezýär. Owadan hatdatlygyna çapak çarpylan senetkärimiz heýkeltaraşlygy hakynda ýazylan ýazgylara we öwgülere diňşirgenip dursun, biz onuň üçünji bir ukybyny hem aýdalyň.
Meselem, sungat ussadymyz şol bir wagtda elinden dür dökülýän agaç ussasy hem bolsun… hoz agajyna senet ruhuny çaýan, dub agajyna ölümsizlik gazandyran, abonozy sungat ruhy bilen dirilden başarjaň agaç ussasy… Senet we senetkärlikden başy çykýan eller bu ugurda-da onuň üstünliklerine çapak çarpmaga dursun, biz onuň ussatlygynyň başga bir tarapyna-da bakalyň.
Meselem, onuň ussat suratkeş hem boldugyny aýdalyň. Onuň çotgasynyň geçen ýerinde gözel motiwler, iň owadan kompozissiýalar yz-yza döresin dursun we bir-iki el hereketi bilen ynsany serden geçirýän suratlary çeksin… Ýene bir giden senet mysal getirip bileriz we goşulan her täze senet, zehinli senetkärimiziň aýry bir tarapyna aýdyňlyk getirer we ony bu tarapdan hem tanamagymyza kömek eder.
Indi, beýle bir senetkär ukyplary bilen özüni görkezmänsoň, ony bilmegimiziň mümkin bolmajakdygy ýaly, käbir başarjaňlyklaryny görkezmese ony doly we kemsiz tanamak mümkin däldir. Şonuň üçin her talant, özünde bar bolan ukyplary ýüze çykarmaga we ylmy meýilnamasy düzülen barlyklara haryjy beden geýdirip olary görkezmek islär. Tohumdaky dirilik düwnçegininiň açylmagy, spermaň bar bolmak ugrunda görkezen yşky, yzgaryň ýagmyr bolmak üçin müňbir kynçylyklary ýeňip geçmegi, bularyň ählisi görünme we görkezmek hyjywy bilen edilen işler dälmi eýsem?
Bular hem bizde, hem-de bütin barlyklarda bir meýliň, bir arzuwyň we öňüne geçilmez bir möwjäp duran hyjuwyň beýanydyr, hakykatda bolsa aslyndan ýaňzan kölgelere mundan başgaça düşünilmez. Emma asyl Senetkäre gezek gelende, Ol öz

senetlerinde keçilik diýlip hasap edilýän kemçiliklerden päkdir. Şuny asla unutmaly däldiris aslyň ne jilwelenip özüni görkezmesi, ne-de jilwelenen ýagdaýdaky tertibi asla kölgedäki ýaly bolmaz.

Hawa, bütin kewn-ü mekanlary dolduran reňkme-reňk we dürli-dürli tolkunlar bize müň bir isimden habar berýär we her isim bir senet arkaly ýaldyrap duran nur ýaly hünärmen bir Barlygyň sypatlaryny tanadýar we ol gaýyp Gudratyň habarlary bilen kalbymyzy oyarýar.

Beýik Senetkär dürli gözellikler arkaly öz gözelligini goşgy ýaly düzülen nyzam we intizamy bilen erk eradasyny we güýç kuwwatyny kalbyň iň pynhan arzuwlaryna çenli ähli zady berip durmagy bilen rahmetini we mährini, ýene bular ýaly müňlerçe at we sypatlary bilen özüni bize tanatdyrmak isleýär, onda-da kemini goýman tanatdyrmak isleýär.

Başgaça aýtsak, Ol giňişleýin ylmyndaky ylmy esaslary, haryjy bedenler bilen meýdana çykaryp gudrat we eradasynyň jilwesini görkezmek, iň täsin sungat eserlerini aň-düşünjeli barlyklaryň düşünje prizmasyndan geçirip, zeminden göklere çenli bir geň galmak we haýranlyk, bir düşünje we alkyş şowhunyny oýarmak isleýär.

Diýmek, ussat, hem müňlerçe ylymlarda ussat Senetkär senetleri bilen haýran ediji başarjaňlygyny we ukybyny görkezişi ýaly iň beýik manysy bilen bu älemiň sahyby-da öz sungat şüweleňini görkezmek üçin bu deňsiz-taýsyz älem köşgüni ýaradypdyr.

Indi bolsa «Has öň näme üçin ýaratmady?» meselesine geleliň. Birinjiden «Has öň» diýmek näme diýmek? «Şunça zaman, şunça sene, näme üçin has öň däl» diýmek isleýän bolsak, zamandan saýylan soňsuz «owallar» hakynda hem şol sowaly gaýtalap bermeli boljak. Meselem, näme üçin bir trillion sene öň ýaratdy-da ýüz trillion ýyl öň ýaratmady? Bilmedim beýle sowala we garşy çykmaga makul bir sebäp görkezmek mümkinmidir?

Eger, «Näme üçin has öň ýaratmady?» diýmek bilen ezeliýeti, ýagny zamanyň çäginden çykmagy göz öňünde tutýan bolsak, ol aýratynlyk barlygy özünden bolan Zat-y Ejell-i Aglanyň özüne mahsus Selbi sypaty we zerurlygydyr. Ýagny, Ol Ondan başgasyna degişli bolmaz, başgasy ezeli bolup bilmez.

Emma mahlukatyň Allahyň ylmy içinde bir ylmy bedenleri bardyr, islesek oňa tasawwufy bir söz bilen «sabity aýn, zilali enwar» diýeliň, islesek ony meýil we meýilleşdirme ýaly çäkli we çäklendirilen zatlarda ele alalyň, olaryň özlerini ezeli kabul etmek hata, biziň beýle meseläni gorjamamyz iň pesinden Allaha garşy edepsizlik bolar.
Biz darajyk ölçeglerimiz bilen haryjy beden geýen şu jesetler we ruhlar hakynda bir zatlar aýtsagam, biziň üçin gaýyp saýylýan zatlar hakynda bir zat diýmek, iň bärkisi özüňi, çeniňi bilmezlikdir.
Bütin kewn-ü mekanlar Kürsüsine deňeşdirilende çöle atylan halka mysaly we Arşyna deňeşdireniňde Kürsüsi şolar ýaly bolan Arş-y Azymyň sahybyny ynsan nädip bilsin, Onuň Uluhiýetiniň çäginiň syrlaryna nädip aralaşyp bilsin!
Hawa, Jenaby Hakyň özüne mahsus işlerine we öz Zatyna aýna boljak örän köp zatlar bardyr. Ilki bilen mahlukat ýokka-da Ol özüni biler, hiç zada mätäç bolman özüne mahsus işleri biler, isimlerinde Zaty derejelerini görer, biler, isimler äleminde, efirde, partikuller dünýäsinde we iň soň atom iň çylşyrymly birleşmelerde isimleriniň jilweleri bilen özüni biler, bildirer we aň-düşünjeli barlyklara-da görkezer…
Ezeli ylmynda Onuň bilişi aýratyndyr, isimler äleminde aýratyndyr, barlyklarda bilişi aýratyn dowam edip gider, emma Onda bir üýtgeşme bolmaz. Çünki Ol, Ybraýym Hakkynyň aýdyşy ýaly:

«Iýmez-içmez, zaman geçmez,päkdir jümleden Allah,
Üýtgemekden, özgermekden hem dürli reňk we şekillerden
Elbetde Ol päkdir, budur Selbi Syfatullah.

Biz bu gün Onuň nämeleri tertipleşdirip sahna çykarandygyny görýäris, emma düýn näme bolandygymyzy we ertir ne hala geljegimizi bilmeýäýris we çakam edip bilmeýäris. Ylmy barlyk näme? Aýan-y sabite näme, ruhlar älemi nämeler habar berýär, ýyldyzlar dumanynyň helezonik ýagdaýy näme, barlygyň haýsy garaňky nokadyny şahyrana görnüşde sazlaşdyrýar we aýdyňlyga ýetirýär? Bütin bulary bilmeýişimiz ýaly ertirki o dünýädäki

ýaşaýşymyz bilen ýene öňüne we soňuna bakjak, bu beýik näbellilikleriň garşysynda: «Seni-de, şunatyňy-da (özüniň döreden hal-hereketleri, hadysalary närseleri) doly tanap bilmedik eý Maruf!» diýjekdiris.

Eger, sözi uzaldan bolsam bular ýaly meselelerde seresaply bolmalydygy üçin uzatdym, hata eden bolsam Ondan bagyşlamagyny dileýärin.

Her zadyň dogrusyny Ol biler. Edebi makalalar